# Gelin-gyzlara waspnama

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Gelin-gyzlara waspnama GELIN-GYZLARA WASPNAMA



Gyz-gelin, aýal maşgalam.
Edeb haýasy gaş galam.
Ahllagyñ zer parçasy siz.

Genç hazynañ barçasy siz.

Hem uýam siz, hem boýam siz.
Ojak başym hem söýäm siz.

Gerdeninde göterenim.
Taý-taý edip kökerenim.

Ak süýt beren enäm siz.
Janyn geren janam siz.

Ogluna koý bakdyranym,
Gyzyna öý kakdyranym.

Sallançakda hüwdülänim,
Gopuz sazyn çalanym siz

Syryk ujuna gyrkylyk,
Dakyp arym alanym siz.

Şehitleñ ojagny saklan,
Dowamatly destgirim siz.

Namysly gün kert gaýadan,
Özün oklan «Kyrk gyzym» siz.

Gamly günde göwnüm tapyp,
Agylarmy diñdirenim.

Jebir jepañ tozanyny,
Keçe kimin siñdirenim

Är paýhasly, dogum durkda,
Iline han bolanym siz.

Göroglynam utandyran,
Harman däli pälwanym siz.

Sadap içre gizlin dürüm.
Bardyr size aýtjak sözüm.

Gutlap bahar baýramyňyz.
Berýän size baýragyňyz.

Öçmesin ojak oduňyz.
Eşdilmesin perýadyňyz.

Bu ýazlar siziňki bolsun.
Owazlar siziňki bolsun. Goşgular